#153 (175)
среда, 29 ноября 2023 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI



2023-nji ýylyň 24-nji noýabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly nobatdaky mejlisini geçirdi. Mejlisiň gün tertibine ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça ileri tutulýan wezipeler, başga-da birnäçe meseleler girizildi.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa söz berildi. Ol ýurdumyzyň kanunçylygyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi. Şeýle hem 25-nji noýabrda geçiriljek Mejlisiň dördünji maslahatyna görülýän taýýarlyk barada aýdyldy. Maslahatyň çäklerinde "Türkmenistanyň 2024-nji ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda" Kanunyň hem-de "Türkmenistanyň 2022-nji ýyl üçin Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi hakynda" Mejlisiň kararynyň taslamasyna seretmek göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen birlikde, birnäçe kodekslere, beýleki käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek hakyndaky Kanunlaryň taslamalaryny ara alyp maslahatlaşmak göz öňünde tutulýar.

Halkara we parlamentara gatnaşyklary ösdürmek maksady bilen, Mejlisde Rumyniýanyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi bilen duşuşyk geçirildi. Deputatlar BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň ýurdumyzyň degişli döwlet edaralary bilen bilelikde geçiren maslahatlaryna gatnaşdylar. Şeýle hem olar Belgiýa Patyşalygynyň Brýussel şäherinde geçirilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogynyň maslahatyna, Ermenistan Respublikasynyň Ýerewan şäherinde guralan ÝHHG-niň Parlament Assambleýasynyň güýzki sessiýasyna gatnaşmak üçin iş saparynda boldular. Deputatlar wagyz-nesihat çärelerine işjeň gatnaşýarlar, Diýarymyzda amala aşyrylýan özgertmeleriň esasy wezipelerini we kanunlaryň many-mazmunyny halk köpçüligine düşündirmek maksady bilen, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çykyş edýärler.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow täze kanunlar işlenip taýýarlanylanda döwletimiziň alyp barýan syýasatyna möhüm ähmiýet berilmelidigini nygtady. Şeýle-de ozal hereket edýän kanunlary kämilleşdirmek işlerini mundan beýläk-de dowam etdirmegiň möhümdigine üns çekildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow ýangyç-energetika toplumyndaky işleriň ýagdaýy hem-de bu ulgamda halkara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek üçin amala aşyrylýan çäreler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, şu ýylyň 28-29-njy sentýabrynda Gahryman Arkadagymyzyň Germaniýa Federatiw Respublikasyna amala aşyran saparynyň çäklerinde gazanylan ylalaşyklary üstünlikli durmuşa geçirmek boýunça zerur işler alnyp barylýar. Şunuň bilen baglylykda, "Türkmengaz" döwlet konserni bu ulgamda, ilkinji nobatda, uglewodorod çig malynyň çykarylýan möçberini artdyrmaga ýardam edýän döwrebap tehnologiýalary, iň täze ylmy we inženerçilik-tehniki işläp taýýarlamalary ornaşdyrmak, gaz gysyjy beketleri kämilleşdirmek babatda ozaldan gelýän ygtybarly hyzmatdaşlar bilen gatnaşyklara uly ähmiýet berýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, «Türkmengaz» döwlet konserniniň garamagyndaky gaz gysyjy beketleri kämilleşdirmek boýunça zerur işleri alyp barmagyň wajypdygyna ünsi çekdi. Bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy giňeltmegi dowam etdirmek zerurdyr diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we wise-premýere birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzyň welaýatlarynda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň alnyp barlyşy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň welaýatlaryndaky möwsümleýin oba hojalyk işlerine jogapkärli çemeleşmegiň zerurdygyny nygtady. Döwlet Baştutanymyz toplumyň önümçilik kuwwatyny doly we netijeli peýdalanmagyň wajypdygyny belläp, wise-premýere işleriň talabalaýyk alnyp barylmagyna berk gözegçilik etmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow ýurdumyzyň elektroenergetika pudagyny mundan beýläk-de ösdürmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Hususan-da, energiýa serişdelerini rejeli ulanmaga, türkmen elektrik energiýasynyň daşary ýurt bazarlaryna iberilýän ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmaga, ýurdumyzyň dünýäniň energetika bazarynda eýeleýän ornuny pugtalandyrmaga gönükdirilen giň gerimli çäreleriň görülýändigi barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Garaşsyz ýurdumyzda üstünlikli durmuşa geçirilýän energetika syýasatynyň «Energiýany tygşytlamak we energiýadan netijeli peýdalanmak hakynda» Kanunyň taslamasynda öz beýanyny tapmalydygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýere anyk tabşyryklar berildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa şu ýylyň dekabr aýynda geçirilmegi meýilleşdirilýän esasy çäreleriň tertibi barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, şu döwürde Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli dabaralar guralar. Hususan-da, "Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar parahatçylygyň waspçylarydyr" atly aýdym-sazly dabaraly maslahat, "Dialog — parahatçylygyň kepili" atly forum, Bitaraplyk binasyna gül goýmak dabarasy, baýramçylyk konsertleri geçiriler. Öňümizdäki aýyň esasy çäreleriniň hatarynda Türkmenistanyň Prezidentiniň "Türkmeniň Altyn asyry" atly baýragyny almak ugrundaky bäsleşigiň çäklerinde yglan edilen "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" atly bäsleşigiň jemlerini jemlemek we ýeňijileri sylaglamak dabarasy, "Ýylyň parlak ýyldyzy" atly bäsleşigiň jemleýji tapgyry bar.

Şeýle hem Türkiýäniň eksport harytlarynyň sergisini, Türkmenistanyň we Eýran Yslam Respublikasynyň amaly-haşam we mozaika sungaty boýunça bilelikdäki sergisini, dünýäniň nusgawy sahna eserleriniň hepdeligini, türkmen we daşary ýurt nusgawy aýdymlarynyň konsertini guramak göz öňünde tutulýar. Mundan başga-da, Täze ýyl baýramçylygy, medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalaryň açylmagy mynasybetli geçiriljek dabaralar barada hasabat berildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ata Watanymyzyň uly üstünliklere beslenýändigini, täze binalaryň we desgalaryň açylýandygyny nygtady. Ýakyn wagtda Halkara Bitaraplyk güni bellenilip geçiler. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere dekabr aýynda boljak esasy çäreleriň, medeni-durmuş maksatly binalaryň açylyş dabaralarynyň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow şu ýylyň 8-9-njy dekabrynda Aşgabatda geçiriljek jemgyýetçilik saglygy goraýyş ulgamynda ýüze çykýan wehimlere taýýarlyk we olara garşy göreşmek meseleleri boýunça Goşulyşmazlyk Hereketine agza ýurtlaryň hyzmatdaşlygyna bagyşlanan maslahata taýýarlyk görlüşi barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, ýurdumyzda milli saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmäge we bu ulgamda daşary ýurtlar, abraýly halkara, sebit guramalary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmaga gönükdirilen giň gerimli işler geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Türkmenistanyň Goşulyşmazlyk Hereketi bilen netijeli özara gatnaşyklara uly ähmiýet berýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýere guramanyň agza ýurtlarynyň lukmançylyk we sanitariýa edaralarynyň ýörite maslahatyny geçirmäge ýokary derejede taýýarlyk görülmegini üpjün etmek tabşyryldy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowa söz berildi. Ol şu ýylyň 21-nji noýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) Parižde ýerleşýän ştab-kwartirasyndan gelip gowşan hoş habar barada aýtdy. ÝUNESKO-nyň Baş maslahatynyň 42-nji mejlisiniň dowamynda 2024-2025-nji ýyllarda ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçiljek şanly seneleri tassyklamak boýunça Kararnama kabul edildi. Onda döwlet Baştutanymyzyň goldawy bilen Türkmenistan tarapyndan teklip edilen Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy hem bar.

Wise-premýer, daşary işler ministri hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy bu şanly waka bilen tüýs ýürekden gutlap, döwlet Baştutanymyza berk jan saglyk, halkymyzyň we ýurdumyzyň abadançylygyny üpjün etmäge, Watanymyzyň halkara abraýyny has-da artdyrmaga gönükdirilen giň gerimli işlerinde täze üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-hytaý hökümetara komitetiniň 29-njy noýabrda Aşgabatda geçiriljek 6-njy mejlisine taýýarlyk görlüşi barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklar strategik häsiýete eýedir. Özara bähbitli döwletara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak we giňeltmek, geljegi uly ugurlar boýunça türkmen-hytaý gatnaşyklaryny ösdürmek maksady bilen, degişli ikitaraplaýyn Ylalaşyk esasynda agzalan komitet döredildi. Häzirki wagta çenli bu komitetiň bäş mejlisi geçirildi. Onuň düzüminde 6 sany kiçi komitet hereket edýär. Komitetiň nobatdaky mejlisiniň gün tertibine nebitgaz ulgamy, ulag-logistika, oba hojalygy, himiýa hem-de dokma senagaty, ylym, bilim, ýokary tehnologiýalar, saglygy goraýyş ýaly ulgamlarda we beýleki ugurlarda türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň wajyp meseleleri giriziler. Mejlisiň netijeleri

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ГЕНЕРАЛЬНОГО СЕКРЕТАРЯ ОРГАНИЗАЦИИ ЭКОНОМИЧЕСКОГО СОТРУДНИЧЕСТВА

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Генеральному секретарю Организации Экономического Сотрудничества Хусраву Нозири по случаю Дня ОЭС.

Пользуясь этой возможностью, глава государства выразил Генеральному секретарю Организации Экономического Сотрудничества Хусраву Нозири пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а также передал всем сотрудникам секретариата ОЭС тёплые поздравления и пожелания достижения новых успехов.

## НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ГЕНЕРАЛЬНОГО СЕКРЕТАРЯ ОРГАНИЗАЦИИ ЭКОНОМИЧЕСКОГО СОТРУДНИЧЕСТВА

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Генеральному секретарю Организации Экономического Сотрудничества Хусраву Нозири по случаю Дня ОЭС.

Пользуясь этой возможностью, Герой-Аркадаг выразил Генеральному секретарю Организации Экономического Сотрудничества Хусраву Нозири пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов во всех начинаниях.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ МИНИСТРА ЭКОНОМИКИ АЗЕРБАЙДЖАНА



28 ноября 2023 года Президент Сердар Бердымухамедов принял министра экономики Азербайджана Микаила Джаббарова, прибывшего в Ашхабад во главе представительной делегации для участия в 7-м заседании Межправительственной туркмено-азербайджанской комиссии по экономическому сотрудничеству.

Гость передал главе Туркменистана, а также Национальному Лидеру туркменского народа, Председателю Халк Маслахаты Гурбангулы Бердымухамедову тёплые слова приветствия от Президента Азербайджанской Республики Ильхама Алиева.

Президент Сердар Бердымухамедов передал ответные наилучшие пожелания руководителю дружественного государства.

Глава государства и гость констатировали, что сегодня межгосударственное сотрудничество успешно развивается по самому широкому спектру направлений. Была подчеркнута необходимость усиления роли Межправительственной туркмено-азербайджанской комиссии по экономическому сотрудничеству как координирующего органа по развитию отношений в торгово-экономической, энергетической, транспортно-коммуникационной, научно-технической, культурно-гуманитарной и других сферах.

В рамках встречи собеседники обсудили перспективы дальнейшего наращивания традиционного партнёрства.

При этом особый акцент был сделан на важности использования выгодного географического расположения наших стран-соседей, что позволяет осуществлять совместные проекты международного масштаба. Это касается сотрудничества в области поставок энергоресурсов, расширения торговых отношений за счёт задействования потенциала морских портов и активизации грузоперевозок через Каспийское море, создания транспортных коридоров, связующих многие страны, а также взаимодействия в сфере коммуникаций и связи.

Собеседники подтвердили обоюдную заинтересованность в расширении плодотворного диалога в области культуры, науки и образования, что, несомненно, является прочной основой для укрепления связей между двумя братскими народами.

## TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

boýunça degişli Teswirnama gol çekmek göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň köptaraplaýyn döwletara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmagy göz öňünde tutýandygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-hytaý hökümetara komitetiniň 6-njy mejlisiniň guramaçylykly geçirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Soňra wise-premýer, daşary işler ministri Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan BMG-niň Howanyň üýtgemegi boýunça Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 28-nji maslahatyna (COP-28) gatnaşmaga taýýarlyk görmek, forumyň barşynda kabul edilmegi göz öňünde tutulýan resminamalar we onuň çäklerinde meýilleşdirilen çäreler barada hasabat berdi.

Garaşylyşy ýaly, "COP-28" maslahatynda howanyň üýtgemegine garşy göreşmekde esasy ädimleriň biri hökmünde Ählumumy metan borçnamasyna goşulmak meselesine dünýäniň iri döwletleriniň ünsi çekiler. Türkmenistanyň bu ugurdaky işi barada aýdylanda, daşky gurşawy goramak meselesi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenildi. Ýurdumyz howanyň ählumumy üýtgemeginiň öňüni almaga gönükdirilen Pariž ylalaşygyny işjeň goldady we 2016-njy ýylyň oktýabr aýynda ony tassyklady. 2019-njy ýylda howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň Milli strategiýasy kabul edildi. 2020-nji ýylda ýurdumyz BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasy tarapyndan yglan edilen "Şäherlerdäki baglar" atly halkara maksatnama goşuldy.

2022-nji ýylda Pariž ylalaşygy esasynda Türkmenistan milli derejede kesgitlenen goşandyny taýýarlady we ony tassyklady.

Türkmen tarapynyň başlangyjy boýunça Aşgabatda BMG-niň howandarlygynda Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça sebit merkezini açmak meýilleşdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, şu ýylyň 13-nji noýabrynda Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bilen BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi. BMG-niň Howanyň üýtgemegi boýunça Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 26-njy maslahatynda Türkmenistan Ählumumy metan borçnamasy baradaky başlangyjy goldaýandygyny mälim etdi we ýurdumyz tarapyndan onuň jikme-jik öwrenilmegine gyzyklanma bildirildi. Şol günden bäri degişli maksadalaýyk işler geçirilýär. Şeýle hem şu ýylyň 2-nji iýunynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, metanyň zyňyndylaryny azaltmak boýunça ýokary derejeli pudagara topar döredildi. Mundan başga-da, ýurdumyzyň 2023-2024-nji ýyllar üçin Ählumumy metan borçnamasyna goşulmak meselesini öwrenmäge gönükdirilen halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça "Ýol kartasy" tassyklanyldy. Bu ulgamda ABŞ-nyň Halkara ösüş boýunça agentligi (USAID) bilen bilelikde degişli işler amala aşyrylýar.

Häzirki wagtda borçnama dünýäniň 150-ä golaý döwleti goşuldy. Şunuň bilen baglylykda, "COP-28" maslahatynyň dowamynda Türkmenistanyň Ählumumy metan borçnamasyna goşulýandygyny yglan etmek teklip edildi. Bu meselä şu ýylyň 23-nji noýabrynda geçirilen Türkmenistanyň daşky gurşawy goramak meseleleri boýunça pudagara toparynyň nobatdaky mejlisinde seredildi. Şunuň bilen birlikde, borçnamanyň şertlerini milli derejede ýerine ýetirmäge gönükdirilen bilelikdäki taslamalaryň we maksatnamalaryň çäklerinde halkara guramalar, hyzmatdaş ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy dowam etdirmek teklip edilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, BMG-niň Howanyň üýtgemegi boýunça Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşýan taraplaryň 28-nji maslahatynda kabul ediljek resminamalaryň möhümdigini nygtady. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz gatnaşýan taraplar bilen hyzmatdaşlygy has-da berkitmegiň zerurdygyny belläp, wise-premýer, daşary işler ministrine degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew Türkmenistanyň Halkara howa menzilleriniň işiniň raýat awiasiýasy ulgamynda halkara standartlara laýyk gelmegini üpjün etmek boýunça amala aşyrylýan çäreler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, uçarlarda ornaşdyrylan ugurdaş enjamlaryň uçuş barlaglaryny talabalaýyk geçirmek üçin ýerine ýetirilýän işler barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň Halkara howa menzillerinde uçuşlary talabalaýyk ýola goýmagyň wajypdygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, uçuş barlaglarynyň öz wagtynda geçirilmegini üpjün etmek tabşyryldy.

Soňra Türkmenistanyň Prezidentiniň nebitgaz meseleleri boýunça geňeşçisi A.Begliýew "Türkmengaz" döwlet konserniniň Ylmy-barlag tebigy gaz instituty we "Türkmennebit" döwlet konserniniň "Nebitgazylmytaslama" instituty tarapyndan alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, bu edaralar tarapyndan ýörite meýilnamalara laýyklykda, geljegi uly, ylmy taýdan esaslandyrylan geologik ugurlary kesgitlemek, ýataklaryň gözleginiň we agtarylyşynyň ylmy-amaly esaslandyrmasyny taýýarlamak, geologiýa-gözleg işleriniň çaltlandyrylan derňewini, olara geologik-ykdysady taýdan baha bermek, buraw tehnikasyny we tehnologiýasyny kämilleşdirmek işleri geçirilýär. Ylmy barlaglaryň netijeleri esasynda teklipler taýýarlanylýar. Soňra şol teklipler ýangyç-energetika toplumynyň ugurdaş düzümlerinde iş ýüzünde durmuşa geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň nebitgaz toplumynyň hereket edýän ylmy-barlag institutlarynyň işini has-da kämilleşdirmegiň möhümdigine ünsi çekdi. Şunuň bilen baglylykda, olarda ylmyň we tehnologiýalaryň iň soňky gazananlaryny ornaşdyrmagyň wajypdygy bellenildi. Döwlet Baştutanymyz döwlet konsernleriniň işinde ylmy-barlag institutlarynyň alymlarynyň, ylmy işgärleriniň maslahatlaryndan netijeli peýdalanmagy tabşyrdy.

Soňra Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary B.Gündogdyýew harby we hukuk goraýjy edaralaryň azyk üpjünçiligini has-da gowulandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmegiň hem-de işini has-da kämilleşdirmegiň möhüm wezipedigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, bu edaralaryň ýokary hilli azyk üpjünçiligine berk gözegçilik etmek, Täze ýyl baýramyna hem gowy taýýarlyk görmek barada anyk görkezmeler berildi.

Soňra döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň agzalaryna we watandaşlarymyza ýüzlenip, Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyza hoş habaryň gelip gowşandygyny aýtdy. Türkmenistanyň teklibi boýunça ÝUNESKO-nyň Baş maslahatynda Kararnama kabul edildi. Oňa laýyklykda, Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy 2024-2025-nji ýyllarda ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçiljek şanly seneleriň sanawyna goşuldy.

Nygtalyşy ýaly, Magtymguly Pyragynyň dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna giren gymmatly edebi mirasy Türkmenistanyň baýlygydyr. Halkara derejede şeýle Kararnamanyň kabul edilmegi bolsa beýik söz ussadynyň umumadamzat medeni gymmatlyklaryna goşan goşandynyň nobatdaky gezek ykrar edilmesidir. Geljek ýylda türkmen halkynyň beýik akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllyk ýubileýi mynasybetli halkara derejede birnäçe çäreler geçiriler diýip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow aýtdy. Döwlet Baştutanymyz ähli watandaşlarymyzy Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygynyň ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçiljek şanly seneleriň sanawyna goşulmagy mynasybetli tüýs ýürekden gutlap, gülläp ösüş we abadançylyk baradaky arzuwlaryny beýan etdi.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Интернет газета
Международные новости

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI HYTAÝYŇ KOMMUNISTIK PARTIÝASYNYŇ MK-NYŇ SYÝASY BÝUROSYNYŇ HEMIŞELIK KOMITETINIŇ AGZASY, HHR-IŇ DÖWLET GEŇEŞINIŇ PREMÝERINIŇ BIRINJI ORUNBASARYNY KABUL ETDI



2023-nji ýylyň 29-njy noýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-hytaý hökümetara komitetiniň altynjy mejlisine gatnaşmak üçin ýurdumyza gelen Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetiniň Syýasy býurosynyň hemişelik komitetiniň agzasy, HHR-iň Döwlet Geňeşiniň Premýeriniň birinji orunbasary Din Sýuesýany kabul etdi.

Myhman döwlet Baştutanymyza we Arkadagymyza Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň hem-de Döwlet Geňeşiniň Premýeri Li Sýanyň iberen salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow dostlukly ýurduň ýolbaşçylaryna salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan edip, dürli ulgamlarda üstünlikli ösdürilýän döwletara gatnaşyklaryň okgunly häsiýetini nygtady.

Duşuşygyň dowamynda komitetiň altynjy mejlisiniň gün tertibi boýunça gyzyklanma bildirilip pikir alşyldy.

Bellenilişi ýaly, mejlise taýýarlygyň çäklerinde söwda-ykdysady, energetika, ulag-logistika, ynsanperwer we ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk babatda kiçi komitetleriň mejlisleri hem-de beýleki duşuşyklar geçirildi.

Şunuň bilen baglylykda, şu gezekki mejlisiň netijeleriniň türkmen-hytaý gatnaşyklaryny täze derejä çykarmaga ýardam berjekdigine ynam bildirildi.

Strategik häsiýete eýe bolan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ýokary döwlet, Hökümet we ministrlikler derejesinde netijeli ösdürilýändigi nygtaldy. Şunuň bilen birlikde, parlament we partiýa wekilleriniň gatnaşyklary işjeňleşdirilýär. Sebitara hyzmatdaşlyk hem täze ösüşe eýe boldy.

Taraplar döwletara hyzmatdaşlygy giňeltmekde ýokary derejede geçirilýän gepleşikleriň uly ähmiýeti barada aýtmak bilen, syýasy ýolbaşçylarynyň Türkmenistana we HHR-na saparlarynyň barşynda gazanylan ylalaşyklaryň durmuşa geçirilmeginiň häzirki wagtda möhüm wezipe bolup durýandygy nygtaldy.

Soňky ýyllarda syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlarda türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň täze derejä çykandygy bellenildi. Köp ýyllardan bäri Hytaý Türkmenistanyň iň iri daşary ykdysady hyzmatdaşy bolup durýar. Energetika pudagyndaky hyzmatdaşlygy özara bähbitli gatnaşyklaryň aýdyň mysaly hökmünde görkezmek bolar.

Döwletara dialogda medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyga aýratyn orun degişlidir. Türkmenistan bilen HHR sebit derejesinde we halkara guramalaryň, ozaly bilen, BMG-niň çäklerinde-de oňyn hyzmatdaşlyk edýärler.

Duşuşygyň ahyrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow we Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň MK-nyň Syýasy býurosynyň hemişelik komitetiniň agzasy, HHR-iň Döwlet Geňeşiniň Premýeriniň birinji orunbasary Din Sýuesýan umumy abadançylygyň bähbitlerine laýyk gelýän döwletara gatnaşyklaryň geljekde hem hemmetaraplaýyn ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI MALAÝZIÝANYŇ ADATDAN DAŞARY WE DOLY YGTYÝARLY ILÇISINI KABUL ETDI

2023-nji ýylyň 22-nji noýabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Malaýziýanyň Türkmenistanda täze bellenen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Mohd Suhaimi bin Ahmad Tajuddini kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.

Diplomat hormatly Prezidentimize Malaýziýanyň Ýokary Baştutany Abdulla Riaýatuddin Al-Mustafa Billanyň we Premýer-ministri Anwar bin Ibrahimiň mähirli salamyny ýetirdi hem-de Türkmenistan bilen dostlukly gatnaşyklaryň, özara bähbitli hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna aýratyn ähmiýet berilýändigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Malaýziýanyň ýokary ýolbaşçylaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi we Mohd Suhaimi bin Ahmad Tajuddini möhüm diplomatik wezipä bellenilmegi bilen gutlap, ýurtlarymyzyň arasyndaky ikitaraplaýyn gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge gönükdirilen jogapkärli wezipesinde oňa uly üstünlikleri arzuw etdi.

Bellenilişi ýaly, Malaýziya Aziýa — Ýuwaş umman sebitinde Türkmenistanyň esasy hyzmatdaşlarynyň biridir. Özara hormat goýmak, dostluk, düşünişmek ýörelgeleri esasynda ýola goýlan döwletara hyzmatdaşlyk häzirki wagtda täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýar. Hormatly Prezidentimiz Türkmenistan bilen Malaýziýanyň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň üstünlikli ösdürilýändigini we syýasy taýdan özara ynanyşmagyň yzygiderli berkidilýändigini kanagatlanma bilen belläp, Birleşen Milletler Guramasynyň, Goşulyşmazlyk Hereketiniň, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň we beýleki halkara düzümleriň çäklerinde iki ýurduň birek-birege goldaw bermek, ýakyndan hyzmatdaşlyk etmek tejribesine ýokary baha berdi.

Türkmen-malaý gatnaşyklarynyň häzirki ýagdaýy we geljegi baradaky pikir alyşmalaryň dowamynda syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek üçin giň mümkinçilikleriň bardygy nygtaldy. Şunda özara söwda-ykdysady gatnaşyklaryň işjeňleşdirilýändigini bellemek gerek. Nebitgaz pudagynda üstünlikli hyzmatdaşlyk alnyp barylýar diýip, döwlet Baştutanymyz belledi.

Malaýziýanyň «PETRONAS» nebitgaz kompaniýasynyň Türkmenistanda ençeme ýyllaryň dowamynda üstünlikli iş alyp barýandygy we ýurdumyzyň nebitgaz senagatyny ösdürmäge saldamly goşant goşýandygy özara bähbitli ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň aýdyň mysaly hökmünde görkezildi.

Umumy pikire görä, medeni-ynsanperwer ugurdaky, hususan-da, ylym-bilim we medeniýet ulgamlaryndaky hyzmatdaşlyk ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň möhüm bölegi bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyzyň netijeli hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaga we ösdürmäge ygrarlydygyny nygtap, türkmen-malaý dialogynyň mundan beýläk-de iki ýurduň halklarynyň bähbidine okgunly ösdüriljekdigine ynam bildirdi.



Malaýziýanyň Türkmenistandaky doly ygtyýarly wekili Mohd Suhaimi bin Ahmad Tajuddin hoşniýetli arzuwlar we türkmen topragynda bildirilen myhmansöýerlik üçin hoşallygyny beýan edip, özara bähbitlere doly laýyk gelýän netijeli döwletara gatnaşyklary pugtalandyrmak ugrunda ähli tagallalary etjekdigine ynandyrdy.

# ТЕЛЕФОННЫЙ РАЗГОВОР МЕЖДУ ПРЕЗИДЕНТОМ ТУРКМЕНИСТАНА И СПЕЦПРЕДСТАВИТЕЛЕМ ПРЕЗИДЕНТА США

27 ноября 2023 года состоялся телефонный разговор между Президентом Сердаром Бердымухамедовым и специальным представителем Президента Соединённых Штатов Америки по климату Джоном Керри.

Тепло поприветствовав друг друга, глава государства и спецпредставитель Президента США выразили удовлетворение возможностью обсудить актуальные экологические вопросы, которым уделяется особое внимание со стороны мирового сообщества.

Главными темами беседы стала подготовка к предстоящей Конференции COP-28 в Дубае, климатическая проблематика, в частности, взаимодействие Туркменистана и США в области сокращения выбросов метана в атмосферу и возможности правового закрепления сотрудничества в данной сфере.

Как отметил Президент Сердар Бердымухамедов, наша страна рассматривает вопросы изменения климата в качестве одного из приоритетных аспектов внешнеполитического курса. В этой связи подчёркивалось, что Туркменистан с уважением относится к позиции государств мира, в том числе США и предпринимаемых ими мер по консолидации усилий международного сообщества по данной проблематике, а выдвигаемые предложения – позитивно оцениваются туркменской стороной.

Выразив благодарность Президенту Сердару Бердымухамедову за проводимую работу в решении такого значимого вопроса современности как борьба с изменением климата с упором на сокращение выбросов метана в атмосферу, спецпредставитель Президента США Джон Керри выдвинул ряд конкретных предложений.

В ходе беседы констатировалось, что глобальные экологические вызовы ставят перед государствами мира новые задачи, прежде всего касающиеся модернизации национальных планов и стратегий, включения в них современных стандартов по снижению выбросов парниковых газов. Вместе с тем требуется решение вопросов инвес¬тиций в возобновляемые источники энергии, разработка технологий для адаптаций к изменениям климата.

В завершение беседы Президент Сердар Бердымухамедов и специальный представитель Президента Соединённых Штатов Америки по климату Джон Керри высказались за дальнейшее конструктивное межгосударственное взаимодействие.

Интернет газета
Международные новости

## ДЕЛЕГАЦИЯ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛА УЧАСТИЕ В САММИТЕ СПЕКА




24 ноября 2023 года в Баку состоялся первый Саммит глав государств и правительств государств-участников Специальной программы Организации Объединённых Наций для экономик Центральной Азии (СПЕКА), в котором приняла участие делегация Туркменистана под руководством Заместителя Председателя Кабинета Министров Туркменистана Х.Гельдымурадова.

В Саммите приняли участие также Президенты Азербайджана, Казахстана, Кыргызстана, Таджикистана, Узбекистана, в качестве почётных гостей - Премьер-министры Венгрии и Грузии, Исполнительные секретари ЕЭК ООН, ЭСКАТО и генеральный секретарь ССАГЗ.

В ходе встречи участники обменялись мнениями по ключевым вопросам партнёрства стран-участниц в рамках СПЕКА за 25-летнюю историю со дня основания Специальной программы.

Отмечена важная роль СПЕКА в качестве эффективной платформы экономического сотрудничества и постоянного диалога для содействия сотрудничеству сторон в таких приоритетных областях, как экономика, торговля, транспорт и логистика, цифровая трансформация и инновации, промышленность, энергетика, управление водными ресурсами, окружающая среда, «зелёный переход» и другие области, представляющие взаимный интерес.

В выступлении туркменской стороны было отмечено, что первый Саммит СПЕКА знаменует собой очередной важный этап в сотрудничестве государств-участников, призванном обеспечить необходимые условия для стабильного и устойчивого развития региона, налаживания между государствами прочных и эффективных механизмов взаимодействия, формирования жизнеспособных схем и моделей интеграции региона в мировые процессы как достойного, равноправного, ценного партнёра.

В этой связи руководитель туркменской делегации обозначил позицию Туркменистана по ряду ключевых вопросов. В частности, было отмечено, что значительным событием для каждого из государств-участников СПЕКА является принятие Резолюции Генеральной Ассамблеи ООН по случаю 25-летия СПЕКА, что свидетельствует об эффективной и конструктивной деятельности в рамках СПЕКА.

Важным шагом Дней СПЕКА 2023 туркменская сторона также считает продвижение совместных усилий по созданию под эгидой ООН Многопартнёрского целевого фонда СПЕКА – финансового инструмента, обеспечивающего механизм функционирования Региональной программы на более высоком уровне практического обеспечения.

Было подчёркнуто, что Туркменистан поддерживает решение об одобрении Дорожной карты по цифровизации мультимодального обмена данными и документами вдоль транскаспийского транспортного коридора с использованием правовых инструментов и стандартов ООН.

Туркменистан совместно с региональными партнёрами активно развивает разветвлённую сеть транспортной и логистической инфраструктуры комбинированного типа по линии Восток-Запад и Север-Юг и выступает за устойчивый транспорт как вклад в устойчивое развитие.

Туркменистан поддержал и будет активно сотрудничать по реализации Плана работы СПЕКА на 2024-2025 годы, в том числе, примет более конструктивное и деятельное участие в работе тематических рабочих групп, а также с партнерами по развитию.

## ON CONSULTATIONS BETWEEN THE FOREIGN MINISTRIES OF TURKMENISTAN AND THE REPUBLIC OF GHANA

On November 23, 2023, political consultations took place between the Foreign Ministries of Turkmenistan and the Republic of Ghana. The Turkmen delegation at the meeting was headed by the Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan B.Myatiev, the Ghanaian delegation was represented under the chairmanship of the Deputy Minister of Foreign Affairs and Regional Integration of the Republic of Ghana Kwaku Ampratwum Sarpong.

During the consultations, the current state of bilateral cooperation was analyzed. An opinion was expressed on intensifying partnership in priority areas in the political-diplomatic, trade-economic, cultural-humanitarian spheres of mutual interest.

Successful cooperation between the two countries was stated within the framework of multilateral diplomacy, primarily at the UN.

Diplomats paid special attention to existing opportunities to expand ties between Turkmenistan and Ghana in the trade and economic sphere, in industry and agriculture.



## В ЛОНДОНЕ ПРОХОДИТ ИНВЕСТИЦИОННЫЙ ФОРУМ ТУРКМЕНИСТАНА

Первый день Инвестиционного форума Туркменистана прошел в среду, 22 ноября, в Лондоне. Принимает деловое мероприятие Институт директоров (IoD) - это бизнес-альянс директоров компаний, руководителей высшего звена и предпринимателей, старейшая в Великобритании организация профессиональных лидеров.

Правительственную делегацию Туркменистана возглавил вице-премьер Батыр Атдаев. В нее также вошли высокопоставленные представители госконцернов «Туркменнефть», «Туркменгаз», «Туркменхимия», агентства «Туркменсвязь», финансово-банковского сектора, природоохранной, сельскохозяйственной, водохозяйственной, электроэнергетической, текстильной отраслей, строительно-промышленного комплекса, транспортно-логистической сферы, а также председатель Торгово-промышленной палаты, глава Союза промышленников и предпринимателей и др.

К обсуждению экономического развития и инвестиционного потенциала Туркменистана присоединились также эксперты Всемирного банка, Азиатского банка развития, Европейского банка реконструкции и развития, агентства Fitch Ratings, американского медиахолдинга S&P Global. В целом, мероприятие объединило около 350 участников.

В процессе рабочих сессий форума внимание делегатов было сосредоточено на таких темах, как инвестиционные возможности в энергетическом и химическом секторах Туркменистана, «зеленые» инвестиции, возобновляемые источники энергии и водородная энергетика. Помимо представителей Туркменистана, своим мнением поделились также топ-менеджеры компаний партнеров страны, в их числе SOCAR, Dragon Oil, Yugneftegaz и организатора форума Nielsonsmith.

Отдельные тематические заседания были посвящены коммерческим возможностям в финансовом, банковском и страховом секторах, инвестициям и перспективам сотрудничества в сельском хозяйстве и текстильной промышленности, привлечению капитала в развитие инфраструктуры Туркменистана с фокусом на информационные технологии, телекоммуникации, транспорт и логистику. Состоялись также индивидуальные деловые встречи и двусторонние переговоры по конкретным предложениям и проектам. Во второй день форума, состоится пленарное заседание, посвященное современным тенденциям в финансировании инвестиционных проектов и ряд тематических сессий по отраслям.

## НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Посол Туркменистана в России вручил копии верительных грамот заместителю главы МИД России***

Посол Туркменистана в России Эсен Айдогдыев вручил копии верительных грамот заместителю министра иностранных дел России Андрею Руденко.

Собеседники также выразили удовлетворение динамикой сотрудничества в экономической и культурно-образовательной сферах. Так, достигнута договоренность о создании в Туркменистане туркмено-российского университета, строительстве нового здания Русского драматического театра в Ашхабаде, нового корпуса совместной Туркмено-российской средней школы им. Пушкина.

В завершение встречи дипломаты договорились о продолжении тесного взаимодействия между Посольством Туркменистана в Москве и российским внешнеполитическим ведомством.

***В иранском городе Исфахан стартовала неделя культуры Туркменистана***

Неделя культуры Туркменистана стартовала в иранском городе Исфахан. Мероприятие продлится до 26 ноября, в нем примут участие около 40 туркменских художников в рамках организуемых выставок, представлений, посвященных национальной музыке, изобразительному искусству и ремеслу.

Церемония открытия Недели культуры состоится в Городском зале искусств. В Исфаханском университете пройдет литературная сессия, посвященная жизни и творчеству великого туркменского поэта и мыслителя Махтумкули, чей 300-летний юбилей будет широко отпразднован в следующем году.

***Делегаты туркменского МИД обсудили с представителями СНГ информационное сотрудничество***

Делегаты туркменского внешнеполитического ведомства в рамках визита в Москву встретились с представителями Исполнительного комитета СНГ. В ходе переговоров глава информационно-аналитического департамента МИД и ответственный секретарь журнала «Внешняя политика и дипломатия Туркменистана» наметили новые перспективы сотрудничества с пресс-сотрудниками Исполкома Содружества.

Так, туркменские дипломаты встретились директором информационно-аналитического департамента Исполнительного комитета СНГ Александром Матяшем и руководителем пресс-службы Исполкома СНГ Светланой Малининой. Стороны обсудили дальнейшее информационное взаимодействие и практические аспекты освещения заседаний органов Содружества в СМИ.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***